# ÇÖREK BARADAKY YRYMLAR WE YNANÇLAR

Ata-babalarymyz çörege uly sarpa goýup gelipdir, sebäbi bugdaýy ekip, onuň saçaga çörek bolup gelýänçä, oňa adamyň näçe yhlas siňdirýänini göz öňüne getirip görüň!

Mundan başga-da, iýmit hökmünde çöregiň umumy tutup bilmek hiç hili nygmat bolup bilmez. Her kim ýola rowana bolanda, ýanyna, ilkinji nobatda, çörek alýar. Çöregiň mukaddes bolşy ýaly, onuň bişirilýän tamdyryny hem halkymyz mukaddes hasap edýär. Çöregi harlamak, tamdyra münmek ýa-da ony ýykmak günä hasap edilýär. Belent mertebeli kişileri duz-çörek, dürli tagamlar bilen hezzetlemek, halkyň arasynda belent adamkärçilik sypatlary hasap edilýär.

Çörek bilen baglanyşykly halkymyzyň arasynda birnäçe yrymlar, ynançlar döräp, durmuşda ulanylyp, ýaşlaryň arasynda olar öwüt-ündewlerde ulanylyp gelinýär.

1. Saçagy boş goýmaly däl. Onuň içinde, iň bolmanda, bir döwüm çörek goýmaly.
2. Harmanyň, tamdyryň, saçagyň , ojagyň ýanynda dyrnagyňy almak, saçyňy daramak günä hasap edilýär.
3. Toýa jüp, ýasa täk çörek alnyp gidilmeli.
4. Çöregi düňderip goýmak bolmaýar.
5. Çörek iýlende, onuň ýanygyny, tamdyra ýapylanda, çörege ýapyşan kesegini aýyrmaly.
6. Çöregi döweňde, iki eliň bilen döwmeli.
7. Bütin çöregi iki tarapdan döwmeli däl.
8. Çörekli saçagyň üstünden ätlemek bolmaýar.
9. Hamyr edilende, kendirigi kim ýazsa, şol kişi hem ony ýygnamaly.

Halkymyzyň arasynda dowam edip gelýän çörege bolan mukaddes yrymlary, ynançlary berjaý etseňiz, siziň saçagyňyzyň rysgal-berekediniň hiç haçan egsilmejekdigi ikuçsuzdyr.

**Aşgabat şäher häkimliginiň “Bagt köşgi”**
**Toý dabaralary merkeziniň**
**Medeni-usulyýet bölüminiň**
**usylyýetçi- maslahatçysy**
**Muhyýewa Gülşat Garajaýewna**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026